# Kes toýnagyň, kes, jenap!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kes toýnagyň, kes, jenap! KES TOÝNAGYŇ, KES, JENAP!

– Dek oturgyn, dek – diýýär
Million-million ses, jenap!
– Çyk Liwandan, çyk – diýýär.
Eşit, gulak as, jenap!
– Yrakdan el çek – diýýär,
Tes yzyňa, tes, jenap!

Iordaniýa ätleseň,
Obalaryn otlasaň,
Işiň soňun ýatlasaň,
Sus ederler, sus, jenap!
Goşuň süýräp gaýtmasaň,
Nas ederler, nas, jenap!

Pozulmanka ýatagyň,
Ýykylmanka otagyň,
Gömülmänkä ketegiň,
Sümül basym, bus, jenap!
Döwülmänkä tötegiň
Bes et «oýny» bes, jenap!

Arap gül kül bolmaz,
Arap ili gul bolmaz.
Seniň bile dil bolmaz,
Bolsaň-da her kes, ejnap!
Nebti saňa pul bolmaz.
Bilip aýak bas, jenap!

Halklaryň erkinden zor,
Ýer şarynda näme bar,
Jogap ber, eý gözli kör,
Gulakly ker, mes jenap!

Gündogardan Gün dogýar
Kes toýnagyň, kes, jenap!

Meretguly GARRYÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular